| | |
|---|---|
| Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2012-nji ýylyň 7-nji sentýabrynda 665 san bilen bellige alyndy | Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2012-nji ýylyň 10-njy awgustyndaky № 93-Ö buýrugy bilen tassyklandy |

# Döwlet býujet edaralary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standarty 17

# „KARZLAR BOÝUNÇA HARAJATLAR“

**Mazmuny** **Bölümleriň №**

Umumy düzgünler........................................................................1-3
Kesgitlemeler ............................................................................4
Maýalaşdyrylýan harajatlar..............................................................5-13
Harajatlaryň maýalaşdyrylýan döwri..................................................14-21
Maglumaty açmak.........................................................................22
Güýje girýän senesi........................................................................23

## UMUMY DÜZGÜNLER

1. Şu standartyň maksady karzlar boýunça harajatlary hasaba almagyň tertibini kesgitlemekden ybaratdyr. Şu standart, esasan, karzlar boýunça harajatlary haýal etmän çykdajy hökmünde görkezmegi talap edýär. Emma, standart alternatiw usul hökmünde, tapawutlandyrylýan aktiwi satyn almak, gurmak ýa-da öndürmek bilen gönüden-göni baglanyşykly karzlar boýunça harajatlary maýalaşdyrmak usulyna ýol berýär.

2. Şu standart býujet edaralarynda karzlar boýunça harajatlary hasaba almak üçin ulanylýar.

3. Şu standart arassa aktiwler/maýa üçin hakyky we çak edilýän harajatlara degişli däldir. Eger kanun boýunça peýdalanylýan maýa üçin aýratyn subýektlere tölegler göz öňünde tutulýan bolsa, onda bu tölegleriň karzlar boýunça harajatlar bolup durýandygyny ýa-da olara arassa aktiwler/maýa üçin hakyky ýa çak edilýän harajatlar hökmünde seredilmelidigini kesgitlemek üçin bilermenlik bahalandyrylmasy geçirilmelidir.

## KESGITLEMELER

4. Şu standartda aşakdaky adalgalar peýdalanylýar:

**Hasaplap ýazmak usuly –** buhgalterçilik hasaba alnyşynyň usuly bolup, amallar we beýleki wakalar olaryň bolup geçen hasabat döwründe (pul serişdeleriniň ýa-da olaryň ekwiwalentleriniň hakyky gelip gowşandygyna ýa tölenenendigine garamazdan) ykrar edilýär. Diýmek, amallar we wakalar olaryň degişli bolan hasabat döwürleriniň hasaba alyş registrlerinde bellige alynýar we şol

döwrüň maliýe hasabatlylygynda hem ykrar edilýär. Aktiwler, borçnamalar, arassa aktiwler/maýa, jemi girdejiler we çykdajylar hasaplap ýazmak usulynda ykrar edilýän hasabatlylygyň bölekleri bolup durýarlar.

**Aktiwler –** geçen wakalaryň netijesinde edara tarapyndan gözegçilik edilýän, geljekde edaranyň ykdysady peýda ýa-da hyzmat ediş mümkinçiligini almagyny üpjün etmäge ukyply serişdeler.

**Karzlar boýunça harajatlar –** karz serişdeleri almak bilen baglanyşykly edara tarapyndan çekilen göterim çykdajylary we beýleki çykdajylar.

**Pul serişdeleri –** nagt pul serişdeleri we talap edilýänçä goýulan goýumlar.

**Eýeleriniň goýumlary –** edara üçinji taraplar tarapyndan berlen geljekki ykdysady peýdalar ýa-da hyzmat ediş mümkinçiligi, edaranyň borçnamalarynyň bolmagyna getirip biljek we edaranyň arassa aktiwlerinde/maýasynda maliýe bölegini emele getirýän geljekki ykdysady peýdalar ýa-da hyzmat ediş mümkinçiligi muňa girmeýär, olar:

a) edara tarapyndan onuň hereket edýän wagtynyň dowamynda geljekki ykdysady peýdalar ýa-da hyzmat ediş mümkinçiligi eýeleriniň ýa-da olaryň wekilleriniň garaýşyna görä paýlamaga, şeýle hem edaranyň ýatyrylan ýagdaýynda aktiwleriň borçnamalardan artyk gelýän islendik möçberini paýlamaga hukuk berýär; we/ýa-da

b) satylyp, çalyşylyp, berlip ýa-da yzyna satyn alnyp bilner;

**Eýeleriniň arasynda paýlamak –** edara tarapyndan ähli ýa-da käbir eýeleriniň arasynda goýlan maýadan alnan peýda görnüşinde ýa goýlan maýanyň gaýtarylmagy görnüşinde paýlanan geljekki ykdysady peýdalar ýa-da hyzmat ediş mümkinçiligi.

**Ykdysady subýektleriň topary –** kärhanalaryň birleşigi (assosiasiýalar, konsernler we birleşikleriň beýleki görnüşleri), düýp kärhana we onuň golçur kärhanasy.

**Çykdajylar –** hasabat döwründe aktiwleriň gitmegi ýa-da peýdalanylmagy ýa-da arassa aktiwleriň/maýanyň azalmagyna getirýän borçnamalaryň ýüze çykmagy görnüşinde geljekki ykdysady peýdalaryň ýa-da hyzmat ediş mümkinçiliginiň azalmagy, olara eýeleriniň arasynda paýlamak bilen baglanyşykly bolan azalma girmeýär.

**Borçnamalar –** edaranyň geçen wakalaryň netijesinde ýüze çykan, olaryň düzedilmegi edaradan geljekki ykdysady peýdalary ýa-da hyzmat ediş mümkinçiligini özünde jemleýän serişdeleriň çykyp gitmegine getirjek gündelik borçnamalar.

**Arassa aktiwler/maýa –** edaranyň ähli borçnamalary aýrylandan soň onuň aktiwlerinde galan bölek.

**Tapawutlandyrylýan aktiw –** bellenen maksady boýunça peýdalanmaga taýýarlamak üçin ýa-da ony ýerlemek üçin hökmany suratda bir ýyldan köp wagt gerek bolýan aktiw.

**Jemi girdeji –** hasabat döwrüniň dowamynda geljekki ykdysady peýdalaryň ýa-da hyzmat ediş mümkinçiliginiň jemi gelmegi, şunuň ýaly gelmeleriň arassa aktiwleriň/maýanyň eýeleriniň goýumlaryna degişli artmalardan tapawutlanýan derejede artmagyna getirýän ýagdaýynda.

## MAÝALAŞDYRYLÝAN HARAJATLAR

5. Karzlar boýunça harajatlar olaryň geçirilen döwründe çykdajy hökmünde ykrar edilýär.

6. Karzlar boýunça harajatlar olaryň geçirilen döwrüniň çykdajylary diýip ykrar edilýär, olaryň 7-nji bölüme laýyklykda maýalaşdyrylýan bölegi muňa girmeýär.

7. Tapawutlandyrylýan aktiwiň satyn alynmagyna, gurulmagyna ýa-da öndürilmegine gönüden-göni degişli bolan karzlar boýunça harajatlar şol aktiwiň gymmatynyň bir bölegi hökmünde maýalaşdyrylmalydyr. Karzlar boýunça harajatlaryň maýalaşdyrmak rugsat edilen ululygy şu standarta laýyklykda kesgitlenmelidir.

8. Tapawutlandyrylýan aktiwiň satyn alynmagy, gurulmagy ýa-da öndürilmegi bilen gönüden-göni baglanyşykly bolan karzlar boýunça harajatlar – bu eger-de tapawutlandyrylýan aktiw üçin harajatlar geçirilmedik bolsa, çykdajy etmekden gaça durup boljak karzlar boýunça harajatlardyr. Edaranyň diňe anyk tapawutlandyrylýan aktiwi satyn almak üçin karz alýan halatynda bu aktiw bilen gönüden-göni baglanyşykly karzlar boýunça harajatlar kynçylyksyz anyklanyp bilner.

9. Bu serişdeleriň ýörite tapawutlandyrylýan aktiwiň satyn alnan çäklerinde şu aktiw boýunça maýalaşdyrmak üçin rugsat edilen karzlar boýunça harajatlaryň pul möçberi, bu karz serişdeleri wagtlaýyn maýa goýuma gönükdirmekden alnan islendik maýa goýum girdejisini aýyrmak bilen, şu karz boýunça döwrüň dowamynda çekilen hakyky harajatlar hökmünde kesgitlenmelidir.

10. Bu serişdeleriň umumy maksatlarda karz alnan we tapawutlandyrylýan aktiwi satyn almak üçin peýdalanylan çäklerinde maýalaşdyrmak üçin rugsat edilen karzlar boýunça harajatlaryň pul möçberi şu aktiw üçin harajatlar babatynda maýalaşdyrmak möçberini ulanmak ýoly bilen kesgitlenmelidir.

11. Edaranyň döwrüň dowamynda üzülmän galan karzlaryna degişlilikde ulanylýan karzlar boýunça harajatlaryň ortaça ölçenen ähmiýeti maýalaşdyrmagyň möçberi bolmalydyr, tapawutlandyrylýan aktiwi satyn almak üçin ýörite alnan karzlar muňa girmeýär.

12. Döwrüň dowamynda maýalaşdyrýan karzlar boýunça harajatlaryň pul möçberi şol döwrüň dowamynda karzlar boýunça çekilen harajatlaryň pul möçberinden ýokary bolmaly däldir.

13. Käbir ýagdaýlarda, karzlar boýunça harajatlaryň ortaça ölçenen ähmiýeti hasaplanyp çykarylanda, gözegçilik edýän edaranyň we gözegçilik edilýän edaranyň ähli karzlaryny goşmak maksada laýyk bolar; beýleki gözegçilik edilýän edaranyň her biri üçin karzlar boýunça harajatlaryň ortaça ölçenen ähmiýetini onuň hususy karz serişdelerine degişlilikde peýdalanylmagy dogry bolar.

## HARAJATLARYŇ MAÝALAŞDYRYLÝAN DÖWRI

14. Tapawutlandyrylýan aktiwiň özüne düşýän gymmatynyň bir bölegi hökmünde karzlar boýunça harajatlary maýalaşdyrmak:

a) şu aktiw boýunça harajatlaryň ýüze çykan;

b) karzlar boýunça harajatlaryň ýüze çykan;

ç) aktiwi bellenen maksady boýunça peýdalanmaga ýa-da ýerlemäge taýýarlamak üçin zerur bolan işiň başlanan wagtynda başlanýar.

15. Tapawutlandyrylýan aktiw üçin harajatlar diňe pul serişdeleriniň tölenmeginde, beýleki aktiwleriň berilmeginde ýa-da göterim borçnamalarynyň kabul edilmeginde ýüze çykýan harajatlary öz içine alýar. Aktiwiň döwrüň dowamyndaky, ozal karzlar boýunça maýalaşdyrylan harajatlary öz içine alýan ortaça balans gymmaty, adatça, şu döwürde olara degişlilikde maýalaşdyrmagyň möçberi ulanylýan çykdajylaryň esaslandyrylan takmynan ähmiýetine deňdir.

16. Aktiwi bellenen maksady boýunça peýdalanmaga ýa-da ýerlemäge taýýarlamak boýunça zerur bolan iş diňe bir aktiwiň özüniň fiziki taýdan döredilmegini öz içine almaýar. Oňa aktiwiň fiziki taýdan döredilmeginden öň geçirilýän, mysal üçin, rugsatnamalary almak bilen baglanyşykly iş ýaly tehniki we dolandyryş işi degişlidir. Emma, eger şunda aktiwiň ýagdaýyny üýtgedýän önümçilik ýa-da modifikasiýa ýok bolsa, aktiwe eýelik etmek şeýle işe degişli däldir.

17. Karzlar boýunça harajatlary maýalaşdyrmak desgany modifikasiýa etmek boýunça işjeň işleriň arasynyň kesilýän, uzaga çekýän döwrüň dowamynda durzulmalydyr.

18. Karzlar boýunça harajatlar aktiwi bellenen maksady boýunça peýdalanmaga ýa-da ýerlemäge taýýarlamak üçin zerur bolan işiň arasynyň kesilýän, uzaga çekýän döwrüň dowamynda çekilip bilner. Şular ýaly harajatlara tamamlanmadyk desgalary saklamak boýunça harajatlar degişlidir. Şunuň ýaly harajatlar maýalaşdyrylýan harajatlar hökmünde toparlanmaýar. Ýöne, degerli tehniki we dolandyryş işiniň amala aşyrylýan döwrüniň dowamynda karzlar boýunça harajatlary maýalaşdyrmak adatça durzulmaýar. Şeýle hem wagtlaýyn bökdençligiň aktiwi bellenen maksady boýunça peýdalanmaga ýa-da ýerlemäge taýýarlamagyň zerur bölegi bolup durýan wagtynda karzlar boýunça harajatlary maýalaşdyrylmak durzulmaýar. Mysal üçin, maýalaşdyrmak ätiýaçlyklary bolmaly derejesine ýetirmek üçin zerur bolan uzaga çekýän döwrüň dowamynda ýa-da, tehnologik ýagdaýyň şertleri boýunça ýa-da şol geografik sebit üçin adaty bolup durýan tebigy hadysanyň netijesinde işleriň togtadylan döwrüniň dowamynda dowam etdirilýär.

19. Tapawutlandyrylýan aktiwi bellenen maksady boýunça peýdalanmaga ýa-da ýerlemäge taýýarlamak üçin zerur bolan ähli işleriň iş ýüzünde tamamlanan mahalynda karzlar boýunça harajatlary maýalaşdyrmak bes edilmelidir.

20. Gündelik dolandyryş işleriniň dowam edýändigine garamazdan, aktiwiň fiziki taýdan gurulmagy tamamlanan mahalynda ol adatça bellenen maksady boýunça peýdalanmaga ýa-da ýerlemäge taýýar diýlip hasap edilýär. Eger-de diňe desgany satyn alyjynyň ýa-da peýdalanyjynyň talaplaryna laýyklykda desgany resmileşdirmek ýaly ujypsyz işler galan bolsa, onda bu ýagdaý işleriň iş ýüzünde doly tamamlanandygyna şaýatlyk edýär.

21.Tapawutlandyrylýan aktiwiň gurulmagy bölekler boýunça tamamlanýan we her bölekleriň gurluşygy dowam edýän wagtynda her bir bölegiň peýdalanylyp bilinýän mahalynda, aktiwiň şu bölegini bellenen maksady boýunça peýdalanmaga ýa-da ýerlemäge taýýarlamak üçin zerur bolan ähli işleriň esasan tamamlanan wagtynda karzlar boýunça harajatlary maýalaşdyrmak bes edilmelidir.

## MAGLUMATY AÇMAK

22. Maliýe hasabatlylygy şulary görkezmelidir:

a) karzlar boýunça harajatlar üçin kabul edilen hasaba alyş syýasatyny;

b) döwrüň dowamynda maýalaşdyrylan karzlar boýunça harajatlaryň pul möçberini;

ç) karzlar boýunça harajatlaryň maýalaşdyrmak üçin kabul ederlikli ululygyny kesgitlemek üçin peýdalanylan maýalaşdyryş möçberini (umumy maksatly karzlara degişlilikde maýalaşdyryş möçberini ulanmak zerurlygy çykan ýagdaýynda).

## GÜÝJE GIRÝÄN SENESI

23. Maliýe hasabatlylygynyň şu standarty 2013-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girýär.

## Goşundy

Şu standart jemgyýetçilik bölegi üçin maliýe hasabatlylygynyň halkara standarty 5 "Karzlar boýunça harajatlar" (IPSAS 2007) laýyklykda işlenip taýýarlandy we onuň bilen deňeşdirilende şu tapawudy bardyr:

käbir bölümlere olaryň has-da düşnükli bolmagy üçin düzediş girizildi.